# Uýam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Uýam UÝAM

Kä-te gabaklaryň ýellener gider,
Ýassygy ýürek deý ezilen uýam.
Kalbyň ynjanyny özge kim biler,
Derdiňe düşüner dözülen uýam.

Gül göwnüňi bilbil diýip baglanyň,
Bolmasyn seň ýürek-bagryň daglanyň.
Köňlüň garmy depesi deý daglaryň,
Kirpigine hünji düzülen uýam.

Sabyr käsäň dolar, daşar, pürlener,
Ilçilik bu her hili söz gürlener,
Giň bol, ýylgyr, ine ahyr gün geler,
Gözleri hasratdan süzülen uýam.

Synagyndan geçip synçy täleýiň,
Başyň çaşsa diýmäweri nädeýin?
Ýagşy niýet dolar ömrüň kän ýerin.
Begençden çekgesi ezilen uýam.

Güllän çagy gapyňdaky hurmalar,
Ilkinji yşk kä-te kalbyň dyrmalar,
Aý geçer, gün geçer, göçer durnalar,
Ertirleň aklyga ýazylan uýam. Goşgular